# Gudrat / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gudrat / hekaýa GUDRAT

Bilmedim, düýşümmi, ýa, huşum? Faşist tanky şol öňküsi ýaly durman-togtaman üstüme sürnüp gelýär. Men bar güýjümi jemläp onuň maňlaýyna granat bilen ýelmejek bolamda, kemdir biri elime berk ýapyşdy.
– Ezizim ynjalsana!
Birdenkä äm-säm bolan gabaram özümden idinsiz gulaga öwrülýär. Sebäbi üç ýyllap frontuň agyr ýollarynda birje sapar eşitmedik türkmen dili, onda-da naçar owazy meni huşuma getirdi. Beýle garaşsyz ahwalata gözümi biygtyýar açanymy bilmän galdym. Görsem saçyna ak girip başlan garagözelek aýal garşymda otyr.
– Ezizim, agyr operasiýadan soňra saňa gozganmak bolanok, iki-üç gün çyda!
Ýaşyryp nätjek, şol wagt men öz gözüme özüm ynanman nirede ýatanymy hakydama getirjek bolup beýnime zor saldym. Görsem ne duşman tanky bar, ne-de bar ýeri gara laýa bulaşan ýoldaşym Alýoşa agzyma suw tutup otyr. Diňe ýatan ýerimiň ak diwarlaryny görüp, däri-dermanlaryň ysy burnuma uransoň gospitalda ýatanymy duýup galdym. Soňra ýaralylaryň gürrüň berşine görä ýagdaýym juda agyr eneni. Bir aýagym bärde, beýlekisem aňyrda bolupdyr. Gepiň keltesi ençeme günläp özümden gidip ýatypdyryn. Her sapar huşuma gelenimde bolsa türkmen gelniniň ýakymly sesi gulagymda ýaňlanýardy. Hatda bir ýola onuň:
– Soňky söweşde biregne duşmanyň üç tankyny hatardan çykardyň, Baýram. Şonuň üçin seniň ýaly edenli-gaýratly batyr ýigitler hökman aýak üstüne galaýmaly. Menem seniň ildeşiň, Türkmenistandan boryn. Dykgat bilen diňleseň, ejeň Annasoltandan gelen haty okap berjek diýen owazy häli-hälem gulagymda ýaňlanyp dur.
Ol käbämden gelen haty nazym owaz bilen okanda bozuldym. Soňra ýene huşumy ýitiripdirin. Özüme gelenimde bolsa hälki gelniň

frontuň öňdäki hataryna gidenini ýoldaşlarym habar berdi.
Arman, onuň adyny bilen bolmady, menem soramandyryn. Şoňa häli-şinde ökünmän duramok.
Men Sibir şäherleriniň birindäki gospitalda köp ýatdym. Ahyr nälet siňen uruş gutardy. Menem onýança aýak üstüne galyp, dogduk diýaryma dolandym. Bir ýola obadaşlarym bilen mesawy gürrüňiň arasynda gospitalda ýatyrkam garrymyň maňa medet beren haty zerarly agyr ýaradan ölmän galanymy aýdanymda ejem geň galdy.
– Adresiňi bilmesem nädip hat ýollaýyn, uzak wagtlap habar-hatyr bolmansoň sag-salamat dolanyp, gelmegini Biribardan diläp etmekden başga alajym ýokdy ahbetin.
Beýle geň-enaýy gudrata Baýram häli-halilerem haýranlar galyp ýör…

Hangeldi GARABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Hekaýalar